# Ahyrsoňy ýekeje günäsi bolan Melaniýa Trampy sulhum aldy

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ahyrsoňy ýekeje günäsi bolan Melaniýa Trampy sulhum aldy
AHYRSOŇY ÝEKEJE GÜNÄSI BOLAN MELANIÝA TRAMPY SULHUM ALDY



*Jemgyýetçilikdäki sowuk suratlandyrylyşyndan has daşda bolan öňki baş leýdi ýatlama kitabynda otlukly we tutanýerli biri hökmünde orta çykýar. Eger äri prezident saýlawlarynda üstün çyksa, onuň bu ýerlerde galjagyny çak edip bileris…*
*Melaniýa Tramp «dünýäniň öten-geçen iň ýigrenji, ugursyz, howply mahluklarynyň biri bilen ýaşaşýar» **(AP)***
Biçäre Melaniýa Tramp (gyz familiýasy Knaws). Mundan çärýek asyr töweregi öň Donald Tramp bilen tanşyp başlanda, ahyrsoňunda tüçjar baý, ynamsyzlyklarynyň ýerini öte geçmeler bilen doldurmaga meýilli, öwgüli sözlerden hoşal bolýan, gopbamsy, mal-mülk toplamakdan doýmaýan birine äre

çykjakdygyny bilen bolmaly. Ýöne onuň soň bir gün ABŞ-nyň birinji leýdisi boljagy welin ýatsa-tursa hyýalyna-da gelen däldir. Nämüçindir, diňe «şol adama» durmuşa çykandygy üçin dünýäniň aglaba bölegi tarapyndan halanmaýar.
Köne fotomodel hökmünde (Tramp bilen 1998-nji ýylda Nýu-Ýorkuň Moda hepdesi çäresinde tanşypdy) aýratyn üns berilmäge öwrenşipdir. Emma her ýüz mimikasynyň we el hereketiniň wideolarda haýalladylyp we doňdurylyp derňelmegi, sosial mediýa mimlerine öwrülmegi, ärine garşy ulanylmagy bu boýunça gyzyklanýan adamlara ýaramly bolup bilmez.
Megerem Hillari Klintondan başga hiç bir birinji leýdi şahsy durmuşyna bular ýaly el urukmagyna sezewar bolan däl bolsa gerek. Duýgudaşlyk bildirmänem bolmaýar.
Melaniýanyň şindizem gözleriň alnynda bolmagy şahsy haklylyk paýyny göterýär. Täze çap edilen «Melaniýa» atly kitaby onuň kämahal görkezilişinden başgarak özbolyşly zenandygyny ýüze çykarýar. Hakykatdanam özüne çekiji, gyzgyn mähirli adam hökmünde garşymyza çykýar, bulam onuň sowuk, pişiklere meňzeş hereketlerine çapraz gelýär.
Migrant çagajyk tussaglaryň saklanýan ýerine aýlananda arkasynda «Hakykatdanam maňa bildirenok, saňa bildirýärmi?» şygarynyň ýazylandygyny kurtka geýen wagtynyň tersine, belki-de, hemme zada garamazdan bildirýändir.
Äriniň hemişe oňşukly gezmedik hakykaty bir ýana, onuň meşgullanmaly birgiden işi bar. Soňky igenmeler 2022-nji ýylda aradan çykan korolewa Ýelizawetadan ötri öwrenişilen görnüşde gödek we oýlanyşyksyz Boris Jonson ýa-da öňki premýer-ministr aýtmyşlaýyn «Britan Trampy» tarapyndan gelipdi.
Jonson soňky iriziji we masgaraçylykly gürrüňinde korolewanyň prezident Trampyň aýaly Melaniýa hilen «eýdip-beýdip düşünişmeli boljakdygyna» ynanýandygyny öňe sürýär, «ýogsam bolmasa onuň bilen nämüçin ýaşaşsyn?». Megerem bular ýaly pikirler hiç kimiň kellesinden birinji gezek geçmeýän bolmaly. Ýöne ol wajyp däl: Melaniýa teraktdan soň paýlaşan wideosynda-da görşümiz ýaly ýanýoldaşynyň ýanyndan aýrylman durýar we öz adyndan gürleýär. Ol dünýäniň öten-geçen iň ýigrenji, ugursyz, howply mahluklarynyň biri bilen ýaşaşýan bolmagy mümkin. Onda-

da nähili: birmahal gözenegiñ añyrsyna dykylmaly adam bilen. Ýöne ol şonuñ mahlugy we şoña-da wepaly bolup galýar.
Her bir ene ýaly olam çagasynyñ arkasynda durýar. Ýatlamalarynda ýekeje perzendi Barrony otizmli bolandygy baradaky hapa gep-gybatlara garşy nähili goramaly bolandygyny we munuñ netijesinde orta çykan mekdep diýdimzorlugyna garşy götde gelmäge nähili ýardam edendigini gürrüñ berýär. Munuñ özi diýseñ geñ galdyrýar. Bigünä çaganyñ diñe kakasynyñ edýän bolgusyzlyklary sebäpli ömrüniñ nädip ýeke gezekde kül bolýandygyny görüp bolýar.




«Melaniýany» okap bolandan soñ okyjy onuñ Trampa ses berip-bermejegini-de pikir etse gerek. Ol syýasata ýakyn biri däl. Ýöne äriniñ (häzirki) bolşy bilen doly terslik döredip biljek görnüşde aç-açan abort etdirmegiñ tarapdary we häziriñ MAGA agramly Respublikan partiýasyndaky fundamental dinçi meýiller bilen köp möçberde çapraz gelýär.
Melaniýa hamana Kamala Harrisiñ mitinginde gürleýän ýaly şeýle diýýär:
*«Aýalyñ öz teni bilen näme etjegini kesgitleme ygtyýarlygy nämüçin aýalyñ özünden başga birine degişli bolmaly? Bir aýalyñ öz durmuşy boýunça şahsy azatlygy, hak-hukuklary oña eger islese göwreliligini soñlandyrma ygtyýarlylygyny hem*

*berýär».*

Belki-de, ikinji Tramp döwrüniñ betbagtçylygy dünýäniñ üstüne çökse, ugursyz, agzy hapa, öçli ärine belli bir derejede siwilizleşdiriji täsirini ýetirip biler. Elimizdäki ýeke-täk zat şol bolup biler. Şonuñ üçin Donald bilen ylalaşygy nähili bolanda-da, bärlerde galmagyny umyt etmelidiris.

Şon O’GREÝDI / @_SeanOGrady

Penşenbe, 10.10.2024 ý.

independent.co.uk/voices Publisistika